# Nohurlular barada söz

Category: Edebi makalalar,Ertekiler,Filosofiýa,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nohurlular barada söz NOHURLYLAR BARADA SÖZ

1.

Türkmeniň nohurly tiresi Türkmenistanyň Bäherden raýonynyň, Garrynohur, Garawul, Könegümmez obalarynda, Garrygala raýonynyň Daýna, Könekesir, Kiçikesir, Çukurýurt, Duzlydepe, Gargyly, Hojagala, Tutlygala, Kürüždeý, Injirli, Durdyhan, Aýdere obalarynda, şeýle hem olaryň uly bölegi häzirki Eýranyň territoriýasynda, türkmeniň gadym ýurdy bolan Türkmensähranyň ençeme obalarynda ýaşaýar. Patyşa kolonizatorlarynyň Türkmenistany basyp almagy netijesinde, erkana türkmeniň ýurdy Rus imperiýasy bilen Eýran döwletiniň arasynda bölüşilýär. Türkmeniň ýarysy serhetden aňyrda, ýarysy bolsa bärde galýar. Türkmeniň gadym ýurdy serhet simi bilen ymykly bölünenden soňra, bu halkyň birek-birek bilen gatnaşyklarynyň üstüne atanak çekilýär. Öz dogan-garyndaşyndan dost-ýaryndan aýra salnan serhet ýakasynda ýaşaýan nohurlylar totolitar, has gönüläp aýdanymyzda ýoýlan sosializmiň agyr hupbatlaryny başyndan geçirmeli boldular, olar öz ata watanyna edil Eýrandaky garyndaşlarynyň arasyna gatnaýan ýaly propuskaly gatnamaga mejbur boldular, olar häzirem şol düzgün-nyzam esasynda ýaşaýarlar. Bu obalardan respublikanyň beýleki şäherlerine göçüp gaýdan adamlar, soň öz toýlaryna, ýaslaryna-da propuskaly barmaga mejbur boldular. Sowet hökümetiniň 72 ýylynyň dowamynda ne olara adam şekilli ýol gurulyp berildi, ne bir olar döwlet aragatnaşyk transporty  bilen, aýdaly, awtobuslar bilen üpjün edildi. Nohurlylar çaga okadar ýaly mekdeplerini ýowar edip öz elleri bilen gurdular. Muňa Garrynohuryň, Garawulyň mekdepleri aýdyň mysal bolup biler. Olar keselhanalaryň jaýlarynam özleri dikdiler, olara jaý gurar ýaly döwlet gurluşyk materialy bermelidirem öýdülmedi. Nohurlylar iki daşyň arasynda bolsa-da, gowy günlere

ymtyldylar. Edil häzirem bu ýerde adamlaryň sosial ýagdaýy örän pes. Men bu obalarda eli bedreli gapy-gap aýlanyp, un diläp ýören adamlara duşdum. Bu serhetýaka obalaryň dükanlary sygryň dili bilen ýalanan ýaly. Olarda ýaşaýyş üçin iň möhüm zatlar bolan un, mesge, gant ýok, bolanda-da, şol günüň özünde derbi-dagyn edilýär. Bu ýerde türkmen telewideniýesini görüp bilmeýän obalaram kän. Göwnüme bolmasa, bular eýran bilen Türkmenistanyň arasyndaky «bitarap zolakda» ýaşaýan adamlar ýaly. Respublikanyň hökümetiniň bu adamlaryň hal-ýagdaýy, ýaşaýşy bilen gyzyklanmagyna bireýýäm wagt bolanlygyna garamazdan, henize bu güne çenli sözden işe geçilenok, ýogsa bu obalara partiýa we hökümet ýolbaşçylarynyň birentegi barypdyrlar, olar halkyň hal-ýagdaýyndanam habar alypdyrlar, birtopar zady düzetmegem wada beripdiler, iň soňunda-da «kürt kürti degirmende görsün» diýen gepe eýeriläýipdir.
Döwletiň zorluk salmagy netijesinde, nohurlylaryň ata-baba ýerleriniň köpüsi zapowednik edilip taşlanan, şeýdibem bu daglarda erkana ýaýnap ýören adamlar gyslyp-gysylyp öz obalaryna eltilip dykylan. Eger 1980-nji ýyllaryň başyndaky zorluk ýene sähel wagt dowam eden bolanda, şol adamlaryň obalaram zapowednigiň territoriýasy hökmünde «basylyp alynjakdy». Ýöne bu adamlaryň hudaý diýen ýeri bar eken. 1985-nji ýylyň apreli olaryň maňlaýyndan diräpdi. Olary göçürmäge ýetişmediler, ýöne zapowednik welin, olaryň bosagasyna eltilip dykyldy, şonuň üçinem bu obalarda, köpelmäge, giňelmäge, täze mellek ýeri edinmäge hiç hili mümkinçilik ýok. Hut şu sebäplem Nohur obalaryndan gaýdan ýaşlaryň hasabyna respublikanyň paýtagtynyň bir çetinde Nohuroba diýen bir oba döredi. Ol ýerde adamlar özleri jaý gurdular, özleri ekin ekdiler. Döwlet hem ýerli häkimiýet tarapyndan hiç hili kömek bolmansoň, olar dürli sosial darttgynlylygy başdan geçirmeli boldular. Paýtagtyň dürli kärhanalary, edaralary olara arzan işçi güýji hökmünde hezil edip ulanýardy. Ýerli häkimiýet bolsa, olaryň salan jaýlaryny traktor salyp ýumurmakdan lezzet alýardylar. Olaryň maşgalalary, ownukly-irili çagalary, ine, şular ýaly «kiçijik watançylyk» urşuny gün-günde başdan geçirmeli bolýardy. Bir nohurlynyň «bu siziň ýeriňiz däl, allajanyň

ýeri» diýip bulzoderiň susagynyň öňünde çabalanyp ýatyşy gözümiň öňünden gitmeýär. Bolýan zatlara o diýen bir düşünibem duramokdym, ýöne bir topar galstukly, şlýapaly adamlaryň özleri ýaly ullakan, sakgally-sarmykly adamy agladyp oturyşlaryna welin, aklym çatmaýardy. Indi görüp otursam, aglaýan bir adam däl eken-de, tutuş halk eken. Olara gowy ýaşamagam, özbaşdak jaý gurmagam, ýer edinmegem gadagan edilipdi. Adamlar hususy eýeçilikden – hat-da öz üstündäki tünekdenem mahrum edilipdi. Ýerem, suwam, howa-da, tokaýam, öýem döwletiňkidi. Şonuň üçinem gulçulyk sosializiminden diňe türkmeniň nohurly tiresi däl-de, eýsem tutuş türkmen halky kösenýärdi. Logikada «induktiw pikir ýöretmekden, deduktiw pikir ýöretmäge, anyklykdan umumylyga» diýen bir kanun bar, logikanyň şu kanunyna eýerip, türkmeniň bir tiresiniň mysalynda tutuş türkmen halkynyň başyna salnan muşakgatlar hakynda pikir öwürmäge synanyşmakçy bolanymy turuwbaşdan mälim edesim gelýär. Meniň esasy obektim 70-nji ýyllaryň ahyry, 80-nji ýyllaryňam başy, ýagny durgunlyk diýip sürçegi çykan ýyllaryň bir bölegi. Şu obýektiň esasynda biraz taryha syýahat etmeli pursatlarymyzam, şu günler hakynda gürrüň etmeli wagtymyzam bolar. Durgynlygyň şarpygynyň nohurlylara has agyr degendigi welin ikuçsuz.

2.

Dagly adamlaryň ata watanyny zapowednik etmek, türkmen sowet býurokratiýasynyň oýlap tapa tilsimi, emma bu zatlary olaryň boýnuna goýmak häzir kyn düşer. «Aý, näme, bize Moskwa görkezme berdi, bizem şeýdäýdik…» diýerler-de gözlerini tegeläpjik oturybererler, olam hoşniýetli bolanlarynda. Gaharlary gelse dagy, «Sen, inim öz işiň bilen bolsaň gowy bolar» diýip, ýene-de öz kagyzyna gümra bolarlar.
Adamlaryň asyrlarboýy ýaşap ýören ýurduny alaga-da zapowednik etmek pyglyny göz öňüne bir getirip bilýäňizmi?! Zapowednik – bu gapurowçylyk döwri nohurlylary ata watanyndan allowarralara göçürmek üçin ymykly kelle döwlüp (men-ä şu açyş üçin gizlinlikde orden-medaljyk alanam barmyka diýip durun) tapylan

emel, daglylaryň garşysyna gurlan gapan.
Asyrlarboýy daglara bagry badaşan adamlary, şol ýer de ýurt edinen, ýer edinen adamlary, şol ýerde ata-babalarynyň mazarlary, öwlüýäleri ýatan adamlary tutuş topbagy bilen sürgün etjek boldular, olary ata watanyndan, hudaý bilsin, nire göçürjek boldular. Nohurlylaryň edil häzirki bir bölegininiň, ýagny Garrynohurda ýaşaýanlaryň ikijahan owarrasy bolup galmagy, olaryn düze çykyp gowaça ekip başlamagy şol agyr syýasatdan galan bir nyşan. Asyrlarboýy bagbançylyk we çarwadarlyk bilen meşgullanan nohurlylara zorluk bilen gowaça ekdirip başladylar. Olaryň birtopary hudaýyň beren güni ir bilen dagyň çarkandakly ýollaryndan Arkaja eňip, agşamam zordan özlerini öýlerine oklamaly bolýarar, edil ýöne hakyna tutma talabanlaryň barda!
Şu pursat men döwlet zapowednigine garşy çykýan adamyň rolunda görünýän bolmagym ahmal. Ýöne men şeýle rolda görünmekden birjigem çekinemok. Elbetde, tebigaty goramak gerek zat, bir adam tebigaty goramaly bolsa, meniň hut özüm ony diş-dyrnak bolup goramaga taýyn.
Ýöne…
Ýöne adam mertebesi islendik zatdan beter goralmalydyr. Onuň mertebesi basgylanan ýerinde nohurlylar aýtmyşlaýyn, «başga zat ne pohdur». Biz ilki bilen adamy, onuň ojagyny, ýurduny, watanyny goramagy başarmasak, döwlet zapowedniklerini eli ýaragly goranymyzda-da, aljak galamyz bolmaz. Adamyň hor-homsy gününe onuň hesretlerine baş galdyrman onuň gapdalyndaky haýwanlar we tokaýlar hakynda alada etmek, bu, meniň pikirimçe, adamçylyga sygmaýan zat. Ýöne, bilmersiň nämesinden, biz ýyllarboýy adam ahlagyna sygmaýan häsiýetlerimize guwanyp geldik.
Adamlara arça çapdyrmajak bolsaň, olary kömür, gaz bilen üpjün etmeli, tebigatyň janly-jandarlaryny gorajagyň çynyň bolsa, olary et bilen doly üpjün bolar ýaly etmeli. Biziň etmeli-goýmaly diýýän zatlarymyz onsuzam kän, ýöne «halwa-halwa» diýeniň bilen agzyň süýjemeýär. Gepiň tümmek ýeri, adam hukugyny goramany başarmasak, hiç haçanam tebigaty adam şekilli gorap bilmeris. Gaýta şol tebigaty goraýjylara

adamlarda dören ýigrenjiň çeni-çaky bolmaz.
Çülpe çagalary öýünde üşäp oturan adamyň bir eşek ýuki oduny şol tebigaty goraýjy tarapyndan gaňrylyp alnar-da, şol adam arkaýyn ýylgyryp, tebigaty goraýja köp taňryýalkasyn aýdyp, öýüne dolanar öýdýärsiňizmi?! Eýsem şu ýagdaýda şol çülpe çagalaryň sag-aman gazaply gyşdan çykmagy zerurmy, ýa-da bir eşek ýüki odunyň döwlete gaýtarylyp, onuň eýesine-de uly jerime töletmek? Sowet hökümetiniň ýyllary  iinde tereziniň ikinji tarapy döwlet üçin has bähbitli boldy.
Bir gezek Nohur daglaryna Sibirden bir tokaýçyny getirip, (türkmende adam tükenen ýaly) dabaraly ýagdaýda işe belläpdirler. Dagly çopanyň sürüden on-oiki sany dowary zapowednik diýilýän sonarly meýdana geçip gitmezmi? Ýaňky tokaýçy nädendir öýdýärsiňiz’?! Hälki dowarlaryň barsyny birujundan atyp öldüripdir. Az salymdan bu gurp-tarpa çopan gelse, goýunlary serlişip ýatyr.
– Ahow, Wäsil (Wasiliý), bu näm etdigiň?! – diýip, oňa azgyrylanda, o tas çopanyň özünem itden çykaran eken. Onuň gan öýen gözlerini görup çopanyň imany göçüpdir. Şodur-şodur tokaýçylara nohurlylar «wäsil» diýýär, bu sözde näçeräk ýaňsynyň barlygynam olaryň bir özi bilýär.
Hindiler maýmyny hudaýyň ornunda goýýarlar. Gep onuň nähili orny eýeleýänliginde däl-de, eýsem hindi pelsepesinde näderejede suratlandyrylýanlygynda. Şol pelsepede bolsa, maýmyn üç görnüşde görkezilýär.

Birinji görnüş: Maýmyn süýem barmaklary bilen iki gulagynam dykyp otyr. Bu onuň hiç zady eşitmeýänligini aňladýar.

Ikinji görnüş: Maýmyn elleri bilen gözlerini ýumup otyr. Bu onuň hiç zady görmeýänligini aňladýar.

Üçünji görnüş: Maýmyn iki eli bilen agzyny ýumýar. Bu onuň lal bolmalydygyny aňladýar.
Eger men heýkeltaraş bolan bolsadym, onda gapurowçylyk ýyllarynyň iňňän uly ýadygärligi hökmünde şeýle heýkeli paýtagtyň köp adamly köçeleriniň görnükli ýerleriniň birinde dikjek bolardym.

Ol ýyllar biziň köpimiz hut şol maýmynyň rolunda çykyş etmeli bolupdyk. Şol rola girmedikler jemgyýet üçin howply adamlar hasap edilýärdi. «Jemgyýete zyýanly adamlar» diýen jümle bilen biz halys öwrenişip ötägidipdik.
Taryhyň gatynda Staliniň krym tatarlaryny «sowet jemgyýetine zyýanly halk hökmünde» ata watanyndan göçürendigini, Gitleriň bolsa «ýewreýleri zyýanly millet hökmünde püreledenligini biz gaty gowy bilýäris. Ýöne görlüp oturylsa, bu zatlara amal etmek üçin Stalin ýa Gitler ýaly taryhy şahs bolmak hökmanam däl eken. Onuň üçin kazarmalaýyn sosializmde jübiň partbiletli, ýumşak kürsüli, «towugyňa tok» diýilmeýän ýönekeýje türkmen sowet hany bolmagam ýeterlik eken. Şol hanlaryň ejirine çydaman, durgunlyk ýyllary gupbaly jaýyň öňüne adalat küýsäp gelem nohurlylar türkmen halky üçin görlüp-eşidilmedik derejede howply hem ätiýaç edäýmeli tire hökmünde görkezilmäge jan edilipdi. 1982-1983-nji ýyllar nohurlylar üçin 37-nji ýylyň tutha-tutlugynyň täzeden gaýtalanmasy bolupdy.
Kime «seniň mellegiň artyk» diýip, kime «sen namaz okaýaň» diýip, kime «sen gowy jaýda ýaşaýaň» diýip, kime «sen jemgyýete peýdaly iş edeňok» diýip, ýüzlerçe adamlar entedilipdi, nähak ýyl kesilip türmä dykylanlaram kändi. Birentek metjitler, mawzoleýler wagşylarça weýran edilipdi. Taryhy ýadygärlik hökmünde goralmaly Sumbar derýasynyň ýokarky akymynda, Könekesir obasynyň golaýynda ýerleşýän meşhur Şyh Attaryň mawzoleýiniň gümmezine tros salnyp traktora süýredilipdi. Bu wagşyçylyk 1982-nji ýylda Garrygala raýkomynyň işgärleriniň aktiw gatnaşmagynda we olaryň gönüden-göni ýolbaşçylyk etmeginde amala aşyrylypdy. Halkyň iň mukaddes zatlaryna el urlandan soňra, il-günüň partiýa-da, hökümede-de ynamy synypdy, olaryň ruhy dünýäsi ähli babatlarda myncgylanýardy, mertebesi ýere çalynýardy.
Bu «haçly ýöriş» öz-özünden döremändi. Nohurlylar öz garşysyna gönükdirilen bu wagşy syýasatdan gupbaly jaýdakylaryň habary ýokdur diýen netije çykaransoňlar, maşyn-maşyn bolup, şol jaýdakylara arzlaryny aýtmaga, ýagdaýlaryny düşündirmäge gelýärler. Nohurlylaryň bu aýgytly hereketine agzy uçuklan

gapurowçy – mollaýewaçy – şmitçiler olardan belli-külli öç almagyň ugruna çykýarlar. Olar ilki bilen metbugaty, radiony, telewideniýäni nohurlylaryň garşysyna ymykly gönükdirýärler. Olary bütin halka ýigrendirmegiň kül-külüne düşýärler. Şol ýyllar nohurlylaryň garşysyna metbugatda gönükdirilen-makalalar, radio-telewideniýede eşitdirilen ýapa degmeýän feletonlar, görkezilen sýužetler muňa aýdyň mysal bolup biler. Şeýdip «zergärlik yhlasy bilen» türkmen tirelerini biri-biriniň garşysyna goýmaga, bir tiräni başga bir tirä ýigrendirmege çynlakaý synanyşyk edilipdi. Türkmeniň nohurly tiresiniň başyna salnan synaglar bu synanyşygyň şowly geçýändigini aňladýardy. Şeýdibem gapurowçylyk «agzyny alart-da, höküm sür!» diýen gepi özüniň baş ýörelgesi hökmünde saýlap alypdy. Şeýdilse, adamlary ber-başagaý edip boljakdy, olaryň talabançylyk gün-güzerany hakynda, nesliniň pürelenýändigi, çagalarynyň ölýänligi, gazyň, nebitiň, pagtanyň türkmen halkynyň milli baýlygydygy hakynda pikir öwürmäge maý boljak däldi. Halkyň ünsüni şu zatlara sowmak bilen, olar bu Halkyň üstünden uzak häkimlik etmegi, uzak ezmegi, horlamagy, kösemegi niýet edinipdiler. Olar halky bir süri mal, özlerini bolsa, goç hasaplaýardylar. Ol «goçlaryň» adam mertebesini kemsidişi, rewolýusiadan öňki baýlaryňam çeni-çaky däldi, öňki baýlaryň näme diýseňem, talabanyna dözümsizlik edäýmesi bardy, türkmen sowet baýlary welin, eger-eger… Olaryň aýratyn dükanlary, aýratyn keselhanalary, aýratyn howlulary, aýratyn nomerli maşynlary, aýratyn talabanlary, aýratyn kurortlary, garaz, aýratyn dünýesi bardy. Ine, şu zatlaryň hemişelik bolmamagy üçin, halkyň ömürbaky gaflat ukusynda ýatmagy gerekdi. Durgunlygyň pajarlap ösýän ýyllary nohurlylaryň gupbaly jaýyň öňüne gelmegi olaryň zähresini ýarypdy, munuň özi edil şo jaýyň gapdalynda top atylan ýaly bir zatdy.

«Bu türkmeniň etjek zady däl, bular türkmen däldigi üçin şeýle başbozarlyk etjek bolýarlar…» diýen ýaly samsyk gürrüňler tutuş respublika ýaýradylypdy. Edil häli-häzirlerem şol hyşy-wyşy gürrüňler bilen mydar edip ýören žurnalistlerdir alymlar we gaýry-gaýry ýokary wezipedäki adamlar gyt däl. Görýäňizmi,

bu töhmeti! Nohurlylar türkmen dälmiş, olaryň türkmen tirelerine dahylly ýeri ýokmuş. Muny özge milletden biri aýtsa, nohurlylar gynanjagam däl. Iki-üç ýyllykda «Trud» gazetinde «Türkmenistandaky az milletiň wekilleri nohurlylara kömek etmek gerek» diýen ýaly jümläni olar hezil edip gülmek bilen garşylapdylar. Sebäbi olar buluçlar ýaly respublikada ýaşaýan, az miletiň wekilleri däl-de, türkmeniň bir tiresi. Nohurlylar indeýlerem däldi. «Syýasy söhbetdeş» žurnalynyň şu ýylyň iýul sanynda türkmen žurnalisti Ogulbibi Amannyýazowanyň nohurlylar, hakynda makalasy çap edildi. Şonda ol hiç bir esassyz nohurlylary ýewreýlerden, ermenilerden… gelip çykan etdi-de oturyberdi. Bu faktyň nohurlylarda uly gahar-gazap döredenligine garamazdan, žurnalyň baş redaktory A.Ýusubowa olardan resmi ýagdaýda ötünç soramany özüne kiçilik bildi, ýogsa nohurlylaryň birnäçesi şol redaksiýa gelip, öz närazylyklaryny bildirdiler.
Moskwaly ýa-da leningradly kabinet alymlary şeýle çaklamany (aýdaly, nohurlylaryň Isgender Zülkernaýynyň neslinden gelip çykanlygy hakynda) öňe sürýär diýäge-de, özüň türkmen bolup, türkmeniň bu tiresi hakynda agzyna agam gelse, gara-da gelse, suňşuryp oturmak bolmaz-a. Eger şeýle bolsa, tutuş türkmen halkynyňam nemes halkyndan gelip çykanlygy hakynda çaklama bar, ýa-da tersine nemesleriň türkmenlerden gelip çykanlygy hakynda çaklama bar. Bir mysal: türkmenlerem özlerine ariýler diýýär, nemeslerem özlerine «biz arassa ganly ariýlerdiris» diýýär. Muňa Nissäniň filosofiýasy bilen Garajaoglanyň döredijiligi aýdyň mysal bolup biler, ýöne şeýle çaklama bar diýäge-de, tutuş halky şol çaklama guýlup goýmagyň özi akyllylykdan nyşan däl. Nohurlylary bolsa, durgunlyk Ýyllaryndan tä şu günlere çenli haýsydyr bir çaklamalara, ertekilere, rowaýatlara, myş-myşlara daňyp goýdular. Olaryň türkmenligine göz ýetirmek üçin alym ýa antropolog, taryhçy ýa kriminalist bolmagyň zerurlygy ýok. Munuň üçin ýönekeý türkmen bolup, Nohura barmak hem olara ýekeje gezek görer gözüň bilen syn etmek ýeterlik.
Türkmeniň iň gadymy egin-eşikleri, topbusy, ýaşmagy, dagdany, çapraz çaňňasy, ketenisi, dürli şaý-sepleri, keçesi, gara öýi

şu tirede gadymy özboluşlylygy bilen häzire-bu güne çenli saklanyp gelipdir. Galyberse-de, bu tirede tutuş türkmeniň baş egýän ahunlary bolupdyr. Bir Goçmyrat ahunyň özi geçen asyrda tutuş türkmen üçin iň uly din wekilleriniň biri bolupdyr. Bu tire halkyň dinini, onuň däp dessurlaryny şu günlere gyşarnyksyz ýetiren tireleriň biri. Meniň pikirimçe, türkmeniň şunça ruhy baýlygyny şu günlere ýetiren bu türkmen tiresine «Siz türkmen däl!» diýip dodak çöwürmän olaryň türkmençiligi saklap gelendikleri üçin, ellerini gysyp, taňryýalkasyn aýdylsa, has edepli bolardy.
Ýene men şeýle diýmek bilen türkmeniň nohurly tiresiniň başga halklar, tireler, taýpalar bilen ganynyň gatyşandygyny inkär etmek meýlim ýok. Häzir dünýäde ýekeje-de gany gatyşmadyk tire, halk, millet ýok, nohurlylaryňam bu kanunalaýyklykdan sowa geçmejegi öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Hawa, olaryň tohum-tijinde, ýedi arkasynda, belki, ondanam müňlerçe ýyl aňrylarda arap ganam, grek ganam, beýleki birtopar ganlaram bar, ýöne bu zatlaryň hiç birem olara «Siz türkmen däl!» diýmege esas döredip bilmez.
Biz erteki bilen taryhyň, ertekiçi bilen taryhçynyň başga-başga zatlardygyny, başga-başga şahsyýetlerdigini gaty gowy bilýäris. Taryhçy, akademik M.Annanepesowyň «Taryh dogruçyl öwrenilende» (Seret: «Sowet edebiýaty» žurnaly, 10, 1989 ý.) makalasynda nohurlylar hakynda gelýän netijesini taryha-da, ertekä-de dahylly etjegiňi biler ýaly däl. Ol Gökdepe urşundan soň, galanyň talanyşy hakynda söz açyp şeýle diýýär: «Galanyň içinde diňe ruslar däl, kürtler, ermeniler, ýomutlar we nohurlylar hem talaňçlyk edipdirler». Ol haýsy çeşme esaslanyp şeýle kesgitli netijä gelendigini makalanyň hiç bir ýerinde ýaňzytmandyr. Diýmek, bu sözler akademik Annanepesowyň öz adyndan gidýär. Taryhda şeýle morta, şeýle kesgitli pikiri orta atmak üçin örän düýpli tutarygyň bolmalymyka öýdýän. Galany ruslardan, ermenilerden, kürtlerden talanlaryň bolanlygy taryhy fakt, ýöne nohurlylaryň hem ýomutlaryň ony talamanlygyny gerek bolsa-ha M.Annanepesowa subut etmeli bolar. Biz türkmen taryhyny iki eli bilen ýazan akademikden (durgunlyk ýyllary bir eli bilen, üýtgedip gurman döwri bolsa

başga eli bilen) hiç zady gaty görmediklerden bolup, onuň nohurlylar meselesinde gelen çürt-kesik pikiri hakynda käbir delilleri orta atasymyz gelýär.
«Nohurlylar, ýomutlar» talaňçylyk edipdir» diýip, bu türkmen tirelerini uçdantutma bir çukura gapgarmaly däl eken. Sözleriň ulanylyşyna üns bermeli eken, «Nohurlylar, ýomutlar» bolanda, bu tireleriň hemmesi şol galany talanlar bolup çykýar. Belki, nohurlylardanam, ýomutlardandam bar eken» diýmelidir, ýöne munam taryhçy bolsaň, anyklaman aýdyp bolmaýar. Taryhda hemme zat ilik-düwme edilende, ol hakyky taryh bolýar. Ýalan-ýaşrykdan ýazylan. taryhy günleriň bir güni, halk eltýär-de, jara dökýär. Muňa M.Annanepesowyň M.Gapurow (TKP MK-nyň öňki birinji sekretary), A.A.Roslýakow (respublikanyň Akademiýasynyň öňki wise-prezidenti) bilen bilelikde ýazan «Baky doganlyk» kitaby aýdyň mysal bolup biler. Akademik M.Annanepesowyň «Taryh dogruçyl öwrenilende» diýen makalasy: «Taryh ylmy haýran galmaly ylym, ony edil oýnawaç ýaly ellerinde pyrladylar» diýen sözler bilen açylýar.
Dogrudanam N.I.Grodekowyň, A.N.Kuropatkiniň, M.A.Terentýewiç we başga-da birnäçe patyşa ofiserleriniň, taryhçylarynyň ýazyp giden işlerinde ýomutlardan birnäçe ýigitleriň general Skobelewiň armiýasynda gulluk edenligi tekrarlanýar. Olar Gökdepäni zabt etmege-de gatnaşypdyrlar, ýöne munuň özi tutuş ýomut tiresiniň Gökdepe galasyny talanlygyny birjigem aňlatmaýar. Onuň ýaly dönükler, satlyklar ýa-da abaý-syýasata aldanan adamlar her bir tirede, her bir halkda, her bir milletde-de bolan bolsa gerek. Ýomutlardan elli ýa ýüz adam rus basybalyjylarynyň tarapynda söweşipdir diýip, bu tiräniň hemmesini Gökdepäni talanlaryň rolunda görkezmek, umuman, taryhçy üçin gelşikli ýagdaý däl. Nohurlylar babatda-da anyk faktlar yzarlanman, olaryň hemmesini şol rolda görkezmäge synanyşmaly däl eken.
Nohurlylar hakynda general Grodekowyň «Türkmenistandaky uruş. Skobelewiň ýörişi» atly dört tomluk kitabynda (Seret: И.И.Гродеков. «Война в Туркмении». Сан-Петербург, 1883г.) gyzykly taryhy wakalar, deliller, faktlar getirilýär. Şol uly kitabyň 2-nji tomunyň 100 – 101-nji sahypalarynda Nohur hem

nohurlylar hakynda şeýle pikir bar:
*«Nohurlylaryň özenini arap tireleri düzüpdir. Nohurlylaryň ata-babalary Ahalda ýaşapdyr. Olary turanlylar daglyk ýere gysyp çykarypdyrlar. Şeýle-de bolsa olar tekeler bilen ylalaşykly ýaşapdyrlar. Olar bir gyrada, elýetmez jülgelerde ýaşamak bilen hemme zatda – gepleşikde, durmuşda, egin-eşikde özboluşly bolmagyna galypdyrlar. Tekeleriň olara howandarlyk edýäni üçin olar ýylda 24 tümen salgydy tekelere töläpdirler.*
*Tekeler nohurlylary özleriniň ganybir garyndaşy hasap edeni üçin, hiç haçan olaryň göwnüne degmändirler. Olar nika arkaly biri-biri bilen garyndaş bolupdyr. Nohur soňa-baka diňe türkmen tirelerinden däl, eýsem Buharadan, Hywadan yzarlanýan adamlaryňam gaçybatalgasy bolupdyr. Nohurlylar gaçybatalga gözläp gelen adamlaryň hemmesini öz jemgyýetine kabul edipdirler, soňa-baka, oturymly nohurlylaryň gelmişekler bilen gany gatyşyp gidipdir.*
*Nohurlylar büjnürt kürtleri» ýerlerine-de arpa-bugdaý ekipdirler. Şol ýerleri ulanandyklary üçin çaknyşyk bolaýmasyn diýip, olar büjnürt ilhanysyna-da ýylda bir ýaby salgyt töläpdirler. Hut şunuň üçinem ilhany nohurlylary öz adamlary hasaplan bolupdyr, hakykatda bolsa, ol nohurlylary edil daşary ýurtlular ýaly kabul edipdir. Her gezek ol nohurlylardan bir ýabydan köpräk salgyt aljak bolanda, nohurlylar özlerini goramagyny tekelerden haýyş edipdirler, olaram öz gezeginde pars häkimligini Nohura golaýlaşdyrmandyrlar…»*
Umuman, Skobelewiň ýörişi başlanýança tekeler bilen nohurlylar hemişe-de biri-birini goldapdyrlar. Olaryň birek-birek bilen garyndaşlyk gatnaşygynyň bolmagam muny subut edýär, ýogsa tekeler türkmeniň beýleki tireleri bilenem goňşy halklar bilenem aňsat-aňsat nika gatnaşygyny etmändirler.
Skobelew öz regulýar goşunynyň garşysyna Merkezi Köpetdagda ýaşaýan daglylar tarapyndan uzak wagtlap alnyp baryljak partizanlyk urşundan, duýdansyz çozuşlardan heder edipdir. Ol rus goşunlarynyň daglaryň arasynda söweş alyp barmaga ukybynyň ýokdugyny gaty gowy bilýärdi.
Umuman, rus kolonizatorlarynyň dag şertlerinde söweşip bilmeýänligini Kawkaza Şamiliň garşysyna uzak ýyllar dowamynda

alnyp barlan söweşler hiç bir, bassyr-ýussursyz subut edipdi, Skobelewiň razwedkasy, hasam nohurlylardan hakyna tutma içalylary tekeler bilen nohurlylaryň arasyna tow düşürjek bolup elde baryny edýärler. Muny aňan teke serdarlary nohurlylaryň hemmesiniň Gökdepä göçüp gelmegini isleýärler. Eger şeýdilse, basybalyjjylara garşy güýç belli bir derejede bir ýere jemlenjekdi.

Skobelewiň muny aňan içalylary nohurlylar bilen tekeleriň arasyna çöp atmaga howlugýarlar. «Görýäňizmi, tekeler sizi ýurduňyzdan çykarjak bolýar» diýip nohurlylaryň arasyna dowul ýaýradýarlar. Hut şu meselede Skobelew belli bir derejede öz maksadyna ýetmegem başarýar.

Nohurlylar ikä bölünýär. Bir bölegi ýurtdan göçmezlik üçin rus kolonizatorlaryna ýapja bolmaly diýen netije gelýär. Nohurlylaryň has uly bölegi, Tüşi Mergene gulak gabardan bölegi bolsa, aňyrdan süýşüp gelýän gara güýje garşy tekeler bilen egin-egne berip söweşmegi karar edýär. Bu hakynda Grodekow şeýle ýazýar:

*«Tekeler nohurlylary öz adamlary hasap edeni üçin, olaryň hemmesiniň Gökdepä göçmeklerini talap edipdirler. Şundan soňra nohur aksakallarynyň bir bölegi – Weli baý, Allanazar, Mälik, Döwletgeldi kazy, Adyn Mämmet molla dagy aç-açan oruslaryň tarapyna geçmegi, şeýdibem obalaryny bu göç-hä-göçlükden halas etmegi karar edýärler. Ýöne Nohurdaky beýleki bir güýçli adamlaryň topary bu soýuzyň garşysyna gidýärler. Şol güýçli topardanam general Skobelewiň janyna kast etjek adam çykýar…»* (Şol kitap, 2-nji tom. 100-nji sahypa.).

Hawa, türkmeniň ýurduna gan çaýkan kolonizator Skobelewiň janyna ilkinji gezek kast etmäge synanyşan nohurlylar bolupdyr. Dogrusy, şondan soňra Skobelewiň jany howp astynda galmandyr diýen ýaly. Bu aýylganç howpdan soň, ol nohurlylardan öler ýaly gorkar eken. Ol hemişe öz gol astyndaky ofiserlere nohurlylar bilen öran sypaýy gürleşmegi, olaryň göwnüne degmezligi, öz ugruna kowmagy haýyş edipdir. Ol nohurlylara özüni geçirimli, dözümsiz, parasatly, akylly görkezjek bolup her hili «oýunlary» edipdir. Bu hakynda Grodekow şeýle ýazýar:

*«Skobelew nohurlylar bilen diýseň medeniýetli hem ätiýaçly bolmagy talap edýärdi».* (Seret: Şol kitap, 2-nji tom, 205-nji sahypa).
Skobelewiň nohurlylar babatynda aýagy bişen towuk ýaly bolup ýörmeginde bolsa düýpli esas bardy. Nohurlylar onuň gözüniň oduny alypdylar. Kawkazdaky Şamiliň dagly gerçekleriniň hereketlerini, ýeserligini, gaýduwsyzlygyny, mekirligini ol nohurlylary silkme telpegiň aşagyndaky ýanyp duran gözlerinde-de görüpdi. Soňra ol öz janyna kast etmege synanyşan bu tiräni para-peşgeş bilen dyza çökermäge ymtylýar. Muny duýan nohurlylar soňra onuň bilen ähli gatnaşyklaryny diýen ýaly kesipdirler. Elbetde, süri agsaksyz bolmaz diýlişi ýaly. para-peşgeşine gyzyp, onuň hyzmatyna gaýym bolan ýek-tük nohurlam bolupdyr, ýöne Skobelewiň ekspedisiýasynda gönüden-göni gulluk eden nohurly welin bolmandyr. Nohurlylara ýaranjaňlyk edýän Skobelew bir gezek olary myhman hökmünde Bamyda geçiriljek baýramçylyga çagyrýar. Skobelewiň janyna kast ediljek bolnuşyny Türkmenistandaky urşa gönüden-göni polkownik hökmünde gatnaşan, soňra general bolan rus taryhçysy Grodekow şeýle suratlandyrýar:
*«13-nji awgustda (1880 ý.) 60 atly nohurly Bama geldi. Ertesi gün baýramçylyk mynasybetli ekspedisiýanyň naçalnigi (Skobelew) uly oturylyşyk gurady. Baýramçylyk mynasybetli ol ofiserleriň birtoparyna orden-medal gowşurmalydy. Howanyň yssylygy sebäpli baýramçylyk agşama geçirilipdi. Hudaýa çokunylandan soňra, top oklarynyň astynda, halk gimniniň aýdylmagy bilen baýdak ýokaryk göterildi. Soňra esgerlere hem ofiserlere şamlyk nahar hödürlenildi. Tizara şemler ýakyldy. Skobelew täze Georgiý kawalerlerini yglan etmek üçin, tost aýtmak niýeti bilen ýerinden galanda, hälki nohurlylaryň oturan üýşmeleňinden oňa garşy ok atylýar. Ok Skobelewiň edil kellesini gypyrdyp geçýär… Skobelew gyssagly barlag geçirmegi buýurýar.*
*Bir zady bellemeli: şu hadysa ýüze çykmanka, bizde gulluk edýän türkmeniň ýomut tiresiniň ýigitleri onuň janyna kast edilmäge synanyşylýandygyny, onuň özüni goramalydygyny öňräginden duýdurypdylar. Nohurlylary ýekän-ýekän*

*barlanlarynda, bir adamyň gürüm-jürüm bolanlygyny anykladylar, olaryň ýaraglary barlananda bolsa bir tüpeňde hakykatdanam ýaňy göçen däriniň tüssesi bardy. Atanyň kimdigi şobada anyklanýar hem onuň günäsi geçilýär. Baýramçylyk dowam etdirilýär. Ertesi gün Skobelew ähli nohurlylary bir ýere jemläp, olaryň öňünde öz janyna kast etmege synlanylyşy hakynda gürrüň geçirýär. Skobelew özüni öldüräýenlerinde-de, ak patyşanyň onuň ýerine başga birini iberjekdigini aýdýar. Soňra ol nohurlylaryň hemmesine halat-serpaý edip, para-peşgeş berip, olary öýlerine goýberýär. Şu wakadan soň nohurlylar Bamyda uzak wagtlap görünmeýärler».* (Şol kitap, 2-nji tom, 206 – 207-nji sahypalar).

Grodekowda bir göwnüme çiglik giden ýer – olam Skobelewi atan adamyň şobada anyklanmagy hem onuň günäsiniň salymyny bermän geçilmegi. Eger şol atan adam anyklanan bolsa, Grodekow onuň adyny derrew öz kitabynda getirerdi, ol bolsa şeýtmekden saklanypdyr. Häzirki nohur ýaşulularynyň tassyklamagyna görä, Skobelewiň janyna kast etmäge synanyşan hemişe Dykma serdar bilen kürtleriň üstüne alamançylyga gidip ýören **Tüşi Mergen** bolmaly. Ol özüniň bu işiniň paşmanlygy hakynda Nohura gelip, kän ahmyr edip gezipdir. Tüşi Mergeniň çalasynlygyna, çakganlygyna, onuň uzak aralyga pişik ýaly towsup bilşine Dykma serdaryň özi mydama haýran galýan eken. Ol göz açyp-ýumasy salymyň içinde birnäçe harby hereketleri etmäni başarypdyr. Skobelewi atyp, şobada gürüm-jürüm bolan Tüşi Mergeni nohur aksakallary häzirem uly gyzyklanma bilen ýatlaýarlar. Bu babatda ýüz ýaşy arka atan nohurly aksakal Çary Demirhan gaty köp zatlary bilýär.

Tekeler bilen egin-egne berip söweşen, olary oruslar gelmänkä özlerine hossar tutunan, olar bilen gany gatyşan, Skobelewiň janyny jähenneme ibermege synanyşan nohurlylaryň tekeler paýhyn edilip gyrlandan soň, olaryň ýurduny talamaga het edip biljekdigine özüm-ä ynanamok. Ýomutlar hakynda-da şeýle diýesim gelýär. Türkmen tire-taýpalary özara oňuşmandyr diýip, olaryň käbirini şeýle rolda görkezmege howlukmaly däl eken. Magtymgulynyň türkmen tireleriniň birleşmelidigi hakynda beýik pelsepesinden soň, Gökdepe tragediýasy türkmen tireleriniň

öňküdenem beter jebisleşmegine sebäp boldy diýen pikirim bar. Gökdepe urşundan soňra, türkmen tireleri agyzlaryny birikdirmeseler, derbi-dagyn boljakdyklaryna ymykly göz ýetirdiler. Eger Gökdepe urşy bolmadyk bolsa, onda Türkmenistanda tire-taýpa dartgynlylygy häzire – bu güne çenlem dowam ederdi. Bu ýerde ganyň sil bolup akmagy, bir tiresiniň görlüp-eşidilmedik derejede gyrylmagy türkmeniň bir bähbide, bir döwlete gulluk etmek pikirini hasam çuslaşdyrdy. Akademik M.Annanepesow nohurlylary wagşy talaňçylar hökmünde görkezmäge ymtylman, şu zatlar hakda köpräk pikir öwürmege ymtylan bolsa, belki, onuň makalasy nohurlylaryň beýle gahar-gazabyna sezewaram bolmazdy.

3.

Bu dagly obalaryň biziň günlerimizdäki wawwalary olaryň taryhyna ymykly göz gezdirmege mümkinçilik bermeýär diýen ýaly. Ýaňy-ýakynlaram, ýagny segseninji ýyllaryň başlarynda Döwlet Howpsuzlygy Komitetiniň işgerleriniň birenteginiň bu dagly obalarda adam hukugyny kemsidişleri hiç zadyň çeni bolmady. Şol ýyllarda DHK tarapyndan her ädimi yzarlanan nohurlylar barmak basyp sanardan kändi. Olaryň birentegine hut sowet ýurduna aralaşan daşary ýurt içalylary hökmünde çemeleşildi, ýogsa olaryň hemmesem sowet graždanlarydy, şol graždanlygy tassyklaýan pasport olaryň her birinde bardy. Şol döwürde yzarlanan adamlaryň hersiniň azyndan 5-6 çagasy bardy. Olar obalarynda, raýonlarynda, respublikasynda we Sowet Soýuzynda, galyberse-de ondan daşarda-da hiç haçan döwlet opurlyşygy işlerine ýa-da azgynçylyga baş goşmadyk, öz çöreklerini iýip, öz tüneginden örüp ýören adamlar. Men ýaňy-ýakynda şol entedilen adamlaryň onlarçasy bilen gürründeş bolup gördüm. Olaryň birentegi hut şol ýyllar nähak türmelere dykylan. Mertebesini ýere çalan býurokratiýanyň eden-etdiligine çydaman, olaryň juwan ýaşda ölüp gidenlerem bar. Men fakt bilen gürleýän žurnalist bolan bolup, olaryň atlaryny ýekän-ýekän agzap, bu adamlaryň ýaňy-ýaňy bitjek bolýan ýaralaryna täzeden duz sepip oturmaýyn. Adam, meniň pikirimçe,

islendik faktordan belentde durmalydyr. Eger kimde kim şeýle faktlar bilen içgin gyzyklanýan bolsa (hatda DHK-nyň üýtgedip gurmak döwründäki işgerlerem) žurnalist Durdymuhammet Gurbanowyň ýanyna geläýsin. Şeýle faktlary el uran ýeriňden tapyp bolýar, ýene gep faktda däl-de, adam kalbynyň mynçgylananlygynda. Synan adam köňlüni hiç bir faktlar bilen seýikläp bolmaýanlygyny žurnalistler gowy bilýändir.
Döwlet we partiýa ýolbaşçylary bilen nohurlylaryň arasynda bolan käbir wakalary ýatlamagy welin artykmaç hasap edemok.
Bir gezek TKP MK-nyň ikinji sekretar ýoldaş Pimenow Nohur obalaryna barypdyr. Bara-barmana-da «Siz döwlete köp et tabşyrjakmy ýa ýokmy?» diýip, daglylaryň al petinden alypdyr. Ol «Näme üçin bu obalarda doňuz fermalary ýok» diýip nohurlylary gyssap başlapdyr. Nohurlylaram «Doňzy musulmanlar iýenok, biz näme üçin öz halkymyzyň känbir halamaýan zadyny köpeltmeli» diýipdirler. Şonda Pimenow olara «Siz halk duşmanlary, eger siz döwlete et tabşyrmakdan ýüz öwürýän bolsasyz, baryňyz Sowet Soýuzyndan göteriliň» diýipdir. «Siziň ähli tabşyran etiňiz Moskwanyň Lihaçýow adyndaky awtomobil zawodynyň işçileriniň ýekeje ertirligine-de ýetmeýär. Siz ýa-ha şolary günuzyn naharlanar ýaly edersiňiz, ýogsa-da hemmäňiz topbagyňyz bilen Eýrana geçmeli bolarsyňyz. Ýekeje zawodyň owkadyny eýgerip bilmeýän bolsasyz, siz bize-de gerek del» diýip, gahar-gazaba dolup, göni Aşgabada gaýdypdyr.
Pimenowyň bu gepi nohurlylary serpmeden gaýdan ýaly edipdir. Olar «Jany ýanan taňrysyna gargar» diýen gepe eýerip, serhetden aňyrdaky nohur obalaryna aşmagy ýüreklerine düwýärler. Nohurlylaryň arasynda erbet tolgunyşyk bolýar. Olar, dogrudanam, tas serhetden aňryk – Eýrana aşan ekenler. Aşgabatdan birnäçe gezek uly delegasiýalar nohurlylara töwella barýar. Eger soňky baran delegasiýanyň hatarynda ýazyjy Berdi Kerbabaýew bolmadyk bolanda, eger-de onuň janyndan syzdyryp aýdan sözleri daglylara täsir etmedik bolanda, gör, olaryň ykballary nähili keç bolardy.
Gahar-gazap paýhasdan öňe geçerdi. Ine sözüň gudraty diýilýän zat näme! Bir adamyň sözi-hä olary ýurduň serhediniň edil alkymyna eltip dykýar, serhetden aşmaga mejbur bolar ýaly

edýär, beýleki adamyň sözi bolsa, olary öz watanynyň topragyna tagzym etdirýär.
Nohur aksakallary her gezek şu wakany ýatlanlarynda, meniň kalbymy başga-başga duýgular gaplap alýar. Eýsem şu ýaşap ýören ýazyjylaryň içinde gorpa gidip barýan halkyň Berdi Kerbabaýew ýaly ezeneginden galdyryp biljek ýazyjy bir galdymyka? Ýa-da olar iň soňky mamontlar ýaly ýitip-ýok bolup gitdimikä?! Eger häzirki çylşyrymly döwürde, iň pajygaly pursatlarda halkyň öňüne çykyp, sözüňi gögerdip bilmejek bolsaň, onda şol halkyň ýazyjysy bolan bolup, döşüňi gaýşardyp orta çykmaklygam men ahlak jenaýaty hasap edýärin. Berdi Kerbabaýewiň başaryşy ýaly, gerek bolsa, ýazyjy öz halky bilen ýüzbe-ýüz durup gürleşmäni başarmaly. Häzirki çylşyrymly döwürden akylly-başly baş alyp çykmak üçin bize şahsyýet derejesine ýeten, halka dogry sözi bilen özüni aldyran adamlaryň köp bolmagy gerek, Şol adamlaryň ýok ýerinde, düýnki nohurlylaryň başyna salnan günüň, ertir türkmeniň başga bir tiresiniň başyndan injegi ikuçsuz. Ine, şu zatlardan ätiýaç etmegimiz gerek, ýogsa huşy başyndan geçen halkyň maňgurda öwrülmek howpy bar. Edil nohurlylaryň degnasyna deglip-deglip, iň soňunda-da öz ýurduny özleriniň terk etmege «mejbur bolşy ýaly uly howp bar. Maňgurt bolsa, maňgurt bolýar, ony nirä iýtseň, şol ýerigem gidýär, kime barmak çommaltsaň, şonam öldürýär.
Türkmen tirelerini ýeken-eken maňgurtlaşdyrmak üçin 80-nji ýyllaryň başynda türkmen sowet partokratiýasy tarapyndan görülmedik çäre galmady diýen ýaly.
Bu meselede öňki Aşgabat obkomynyň birinji sekretary Annaorazow bilen oblispolkomyň başlygy Baýramdurdyýewiň «bitiren hyzmatlaryny» ýatlamazlyk. külli günä bolar. «Başyna giden» nohurlylary «aklyna aýlamakda» olar ellerinde baryny etdiler. Kazarmalaýyn sosialiamiň bir oblastyň çägindeki tutuş komandasyny aýaga galdyrdylar, komandirlik etmegem gönüden-göni öz boýunlaryna aldylar. Olaryň «duşmanyň tylyna» edýän hüjümleriniň köpüsi şowly tamamlanýardy. Olar «yzym bilen öňe» diýen şygary komanda gulak asýan metbugat işgerleri üçinem, organ işgerleri üçinem ulanýardylar. Bu adamlar nohurlylary

«derbi-dagyn» etmek meselesinde partiýa we sowet býurokratiýasynyň sadyk gullaryna öwrülipdiler.
Bir gezek, oraza aýy hut Annaorazowyň özi töweregindäki nökerleri bilen nohurlylaryň üstüne «hüjüm edýär». Nohura baryp düşendenem, Nohuryň ähli molla-müftülerini, hudaý diýip eglip-turýan adamlaryny bir jaýa gabaýar. Özem gapdalyna bedre-bedre suw bilen grafin hem stakan alyp, özbaşyna bir otagda oturýar. Hälki molla-müftüleri, dindardyr öýdülýän adamlary südürdikledip, onuň huzuryna eltýäler. Her gapdalynda-da eli sapançaly bir organ işgeri bar eken. Edil gadym döwrüň hany bar-da! Eger südürnikledip äkidilýenlerem gadym döwrüň hyzmatkärleri bolan bolsady, onda «Bir çetçe ganymy geçewer, kyblaýy älem» diýip, sandyrabermeli. Ol hälki adamlara «oraza tutduňmy?» diýen ýekeje sowal beripdir, «hawa» diýdiklerem, zorluk bilen grafinden suw içiripdir. Suw içmekden boýun towlaýanlar elini gaňryp, agzyna suw guýupdylar. Bir aksakal bu edilen işe hakyt möňňürip aglapdyr. «Men beýle zorluk edilýän ýurtda ýaşajak däl» diýip aglapdyr. Ertesem amanadyny tabşyrypdyr. Nohur sakallary bu pajygaly pursady häzirem hopugyp ýatlaýarlar. Meniň pikirimçe, şundan artyk adam hukugyny kemsitmek, onuň mertebesini depgilemek mümkin däl. Oraza tutan sakgallar eýsem döwlete näme zyýan edenmiş? Olar partiýa näme zeper ýetirenmiş? Munuň özi adamlary hory-zar etmekden, olara ejir baryny çekdirmekden, olaryň ruhy dünýäsini kerçelemekden başga zat däl ahyryn.
Aşgabat oblispolkomynyň başlygynyň gazetlerde çap edilen makalasy üçin, gör, näçe bigünä adamlar nähak ýere türme dykyldy, gör, näçe adamlaryň ojagy ýumruldy. Hut nohurly tiresi sowet jemgyýeti üçin zyýanly tire hökmünde görkezilmäge dyrjaşyldy. Hakykatda bolsa, nohurlylaryň topraga hyzmat edişine. jepakeşligine göz ýetirmek o diýen bir kynam däldi. Munuň üçin olaryň gaýalaryň daşyny üwäp, toprak edişini synlamagam, olaryň toprakdan hasyl alşyny görmegem ýeterlikdi. Administratiw — buýruk beriji sosializmde bolsa, bar adamlary biraýakdan sürmäge isleg örän uludy. Olaryň ýerlerini elleriden alyp, döwletiň haýryna geçirmäge endik eden býurokratiýada bolsa bu zatlary çepbesine çöwrüp görkezmäge

näçe diýseň gara güýç bardy.

4.

Eýsem döwrüň üýtgemegi bilen nohurlylaryň günem gowulandy ötägitdimikä?
Edil häzirem nohurlylar meselesinde üýtgen zat gaty az. Ol ýere sowet hökümeti döräli bäri bir elektrik liniýasy çekildi diýäýmeseň, başga döwlet tarapyndan göze görnüp duran düýpli edilen işler ýok diýerlik. Hälki aýdyşymyz ýaly, klublaram, metjitlerem, mekdeplerem, keselhanalaram döwlet tarapyndan ýeke köpük çykdajy edilmän, nohurlylaryň özi tarapyndan gurlan.
Gapurowçylyk ýyllary nohurylary ýurdundan göçürmek niýeti bilen döredilen zapowednikleriň ägirt territoriýalary edil häli-häzirlerem üýtgewsizligine diýen ýaly galýar. Eger şol zapowednikleriň territoriýalary belli-külli çäklendirilip, şol ýerleriň belli bir bölegi daglylara ekin ekmek üçin, ýene bir bölegi bolsa mal bakmak üçin täzeden gaýtarylyp berilse, olaryň arkasyna şemal çalan ýaly boljak, ýogsa häzirki wagtda olaryň iki aýagam bir gonja sokulan.
Nohurlylaryň hak-hukugy edil şu günlerem Garrygalanyň we Bäherdeniň raýon ýolbaşçylary tarapyndan kemsidilmegi dowam etdirilýär. Häzire – bu güne çenli nohur obalaryna barýan ýollar wes-weýran. Durgunlyk ýyllary nohurlylar bu çarkandakly ýollardan «kommunizme tarap öňe» we yza kän gatnadylar. Iň soňunda ol-a kommunizm eken, sowet häkimiýetiniň öz obalaryna barýan ýollarynam adam şekilli gurup bermejegine, şol ýollarda awtobus gatnawynyň bökdençsiz ýola goýulmajagyna mazaly göz ýetirdiler. Raýon merkezlerine demir ýol arkaly gelip düşýän azyk we senagat harytlaram bu obalara adyl paýlanylyp berlenok.
Ol obalary demir ýoldan uzakda ýerleşýär diýäge-de, sowet hökümeti üçin «bitarap zolaga» öwürmek bolmaz ahbetin. Eger kim-de kim şeýle ymykly netije gelen bolsa, «bitarap zolagyň» bu obalardan has agyrrakdadygyny ýene-de bir gezek ýatladanymyz bilen ýagdaýyň üýtgejegine ynanyp bolarmy? Ýangyç

meselesi nohurlylaryň iň agyryly ýeri. Mundan beýläk nohurlylaryň ruhy we maddy taýdan köselmegi bes edilmese, olaryň häzirki ajaýyp döwre, üýtgedip gurmak syýasatyna- da ynamlarynyň synmagy ähtimal, sebäbi, öňde bir akyldaryň aýdyşy ýaly, aň güzerany däl-de, eýsem güzeran aňy kesgitleýär.
Eger döwlet giň mümkinçilik döretse, häzirki ýaly iki-uç aýlap däl-de, eýsem ýyl boýy tutuş respublikanyň ýaşaýjylaryny ýeralma, çereşnýa, ülje, alma, erik, injir, nar bilen, dürli miweleriň kompotlary bilen, nohur pomidory we beýleki bakja önümleri bilen üpjün edip biljekdigini bu ýeriň ýaşululary maňa heçjikläp-heçjiklep düşündirdiler. Olaryň sowadyna, Merkezi Köpetdagyň ykdysady potensialyna akyl ýetirişine telpek goýaýmaly..
Eger döwlet bu etraplary sosial we medeni taýdan ösdürmäge şu gün serişdesini gaýgyrmasa, ertesi şol serişdäniň on esse, ýüz esse bolup yzyna dolanjagy ikuçsuz. Mesele şunda! Onsoňam nohurlylar ýagşylygyň astynda galandan iki ellerini daşyň astynda goýanlaryny gowy görýärler.




Durdymuhammet GURBAN.